# Mart geldi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Mart geldi MART GELDI




Erikler ak patrak. Diýmek, mart geldi,
Owaza gark boldy töwerek-daşym.
Seniň gözleriňde gözüm eglendi,
Bir heser tapyndy ak sepen başym.
Alys sähralarda gaýma gaýaldy,
Bahar jähekledi depeleň daşyn.
Sen ýigit humarly ýyllarda ýaňy,
Menem ýaňy ýigit ýetip ýörmüşem.

Sähranyñ säpjeýän gül ysly ýeli,
Bizi ne köýdürer, ne-de küýdürmez.
Gül ysly sözüm bar saňa diýmeli,
Maýam, arka atan salym diýdirmez.

Bilýän, senem sadyllasyň bu günler,
Sag-sola ser salýaň – garamat bardyr.
Sähraňa seretseň – al-elwan güller,
Şähere seretseň – ap-ak patrakdyr.

Erikler ak patrak. Diýmek, mart geldi,
Owaza gark boldy töwerek-daşym.
Seniň gözleriňde gözüm eglendi:
Humarly çaglaryň bir pursat geldi.
Menem bu gün ýigitligme sataşdym.